THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň Belarus Respublikasynyň Milli Ýygnagynyň Respublika Geňeşiniň Başlygy bilen duşuşygy geçirildi

Parlamentara Bileleşigiň 150-nji ýubileý assambleýasynyň çäklerinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowanyň Belarus Respublikasynyň Milli Ýygnagynyň Respublika Geňeşiniň Başlygy Natalýa Koçanowa bilen duşuşygy boldy.

Duşuşykda Türkmenistanyň Prezidenti, Hormatly Serdar Berdimuhamedowyň we Belarus Respublikasynyň Prezidenti hormatly Aleksandr Lukaşenkonyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan türkmen-belarus döwletara hyzmatdaşlygyň ähmiýeti bellenilip geçildi. Şeýle hem taraplar parlamentler derejesinde hyzmatdaşlygyň zerurdygyny hemişe nygtaýan we bu gatnaşyklaryň ösmegine itergi berýän Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Dialog parahatçylygyň kepili” atly filosofiýasynyň ýurtlaryň arasynda parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmekde, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda möhüm başlangyç bolup çykyş edýändigini aýratyn nygtadylar.

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa Belarus Respublikasynyň Milli Ýygnagynyň Respublika Geňeşiniň Başlygy Natalýa Koçanowany 2025-nji Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bellenilýän Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda geçiriljek halkara çärelerine gatnaşmaga çagyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda taraplar geljekde döwletara gatnaşyklary parlament diplomatiýasynyň üsti bilen goldamakda tagallalary birleşdirmegiň möhümdigini bellediler.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025